# Bir ýylgyr, doñmasañ bolýa..

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir ýylgyr, doñmasañ bolýa.. Zorum ŷokdur, zarym bardyr
Bir ŷylgyr doňmasaň bolŷa!
Ak süŷt beren öwülŷädir
Şoňa daş zyňmasaň bolŷa!

Kimseleriň gözi alda
Kimseler set müň hyŷalda
Janam lowla, orta ŷolda
Tüsseläp sönmeseň bolŷa!

Ilden-günden alyp gerim
Asmana ŷetse-de seriň
Ŷagysy kän ejizleriň
Gerşine münmeseň bolŷa!

Oŷlan, ŷalňyşma göçümde
Ahmyryň galsyn içiňde
Aglanyň ŷandan geçeňde
Gözleriňi ŷummasaň bolŷa

Dar köňüli baglan bire
Ŷaŷ ganatyň giňdir öre
Dowul turzup ŷersiz-ŷere
Yrsgalyňy kemmeseň bolŷa!

Sen şa sen, men munda keniz
Ŷürek ejiz, Köňül Zelil
Yzyna gaŷtarma welin,
Edenmi gömmeseň bolŷa!

Şähribossan Geldimämmedowa Goşgular